# Ýüregiň emri (Tibet tymsaly)

Category: Ýol ýazgylary
написано kitapcy | 11 апреля, 2025



Öňde-de bir garry kempir syrkawlap, uzak wagtlap düşekde ýatypdyr. Onuň halyny soramaga dogan-garyndaşlary yzly-yzyna gelipdirler, uzak ýerlerde ýaşaýan ogly welin gara bermändir.

– Ol nädip gelsin, töwerek-daşy gar basyp ýatyr ahyryn – diýip, kempir ogluny aklapdyr. – Ine, gyş geçip, daglaryň gary erär welin, oguljygym hökman geler. Onuň meniň halymyň teňdiginden habaram ýokdur, görseňiz.

Hakykatdanam, gyşyň şeýle aýazly günlerinde ýurt aşyp gelmeg-ä däl, sähel aralyga-da çykar ýaly däldigine obadaşlarydyr garyndaşlary düşünseler-de, oglana ejesindenem beter garaşypdyrlar.

Aradan birnäçe wagt geçýär. Howanyň maýlamagy bilen garrynyň haly-da kem-kem gowulaşýar. Soňlugy bilen-ä aýaga-da galyp gidýär. Ine, şol günlerde onuň alys ýerlerde ýaşaýan ogly bir ýerlerden çykýar.

– Seniň ýagdaýyň barada eşitdim, ýöne dag ýodalaryny gar basyp, aýazdan ýaňa ýola çykar ýaly bolmady. Şonuň üçinem

bahara çenli garaşmaly boldum – diýip, ogly ýagdaýy düşündiripdir. Ejesi bolsa oglunyň gelenine begenjinden ýaňa, ýeke agyz söz sözlemän, balasyny bagryna basyp oturypdyr.

Şol gün kempir oglunyň gelmeginiň şanyna sadaka beripdir. Üýşmeleňde obadaşlary oglanyň, hakykatdan-da, gelmäge ýagdaýynyň bolmandygy barada gürrüň edipdirler. Şonda ýaşulularyň biri şeýle wakany gürrüň beripdir:

– Ýaş wagtlarym, gyşyň aňzagynda obamyzyň çetinde, dagyň eteginde mal bakyp ýördüm. Birdenem belentdäki dag ýodasyndan aşaklygyna düşüp gelýän gojany görüp, gözlerime ynanmadym. Bu jelegaýlara nädip gelip bilendigini soranymda, surnukdyryjy ýol zerarly halys ysgyndan gaçan goja: «Şu obada ýalňyz aýal doganym ýaşaýar, şony görmäge dagyň aňyrsyndan geldim» diýip jogap berdi. «Şu ýaşda, şu howada töwekgelçilik edip, beýle uzak, kötel ýola nädip çykyp bildiňiz?» diýip soranymda goja: «Bu ýere ilki bilen ýüregim geldi. Maňa bolsa uýajygymyň obasyna bu garry göwrämi aşyraýmak galdy» diýdi-de, ýoluny dowam etdirdi.

Garrynyň ogly bu gürrüňi bir gyrada diňläp oturyşyna, ejesidir obadaşlarynyň ýanynda aýaz, ýoluň kynçylygy barada aýdanlary üçin diýseň utanyp, ýüzüni aşak salaýypdyr.

*Tymsalyň manysy: Hemişe ýüregiňi diňläp, töwereginďäkilere üns-aladaňy gysganmasaň, hiç haçan ädilen ädim, geçilen ýol üçin ýüzüňi gyzartmaly bolmarsyň. Ýüregiň emri bolsa ynsana islendik kötelliklerden aşmaga-da güýç tapyp berýär.*

***Rus dilinden terjime eden Bagtyýar ÇARYÝEW,***
***Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollanepes adyndaky şahamça müdiri.***